# Ýarty petir hakynda ballada

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýarty petir hakynda ballada ÝARTY PETIR HAKDA BALLADA

Ol urşa gidende urujyk gazyp,
Bir gysym arpany
Bäş sany körpäniñ
Agzyndan kesip,
Gömüpdir dulda…

Gazaply säherde, gazaply ýylda
Diýipdir gelnine:
«Haýyşym, pendimi ýürege bekle, –
Künjaradyr mäşe galsa-da günüñ,
Ýa galsa jöwene,
saruna,
dara,
Galaýanda hatda bir gatañññura,
Ezizim, sargydym, wesýetim hakla:
Ýeñşe çen zat diýmän şujagaz ura,
Ýeñşe çen üstüni açdyrman sakla!
Garalyp gitse-de eldegirmeniñ,
Şu dänä, şu arpa el degirmenin!»

«Arkaýyn bol!» – diýip, galypdyr gelin,
Şol pendi mukaddes sanypdyr gelin.

…Ok-däriniñ ysy tutup jahany,
Urşa bir ýyl boldy diýlen mahaly,
Ýalñyz hossarynyñ – söwer ýarynyñ
Öldi habarynu alypdyr gelin…

Şonda ýetim galan ýaly däneler
Ýatypdyr gyslyşyp biri-birine,
Hem tisginşip misli janly synalar
Üstündäki aç çagalañ zaryna,

Diýipmişler jany ýanyp özüne:
«Başşak böküp degirmeniñ gözüne,
Tiziräk kül bolsak şolañ şanyna!»

Ýöne…
Açlygyndan çişip ýykylan çagam
Ulujasy gözmonjuk deý bäş çagañ,
Şol gahat günlerem garyp enäniñ
Uryny gazmaga bogny ysmady,
Ýekejesem ellenmedi dänäniñ,
Başgarajyk boldy olañ kysmaty…

Ýeñiş güni gümmürdedi degirmen,
Toplaryñ sesine meñzedi sesi! –
Iñ soñky däri deý goşawuç arpa
Üweldi,
elendi harpyk-iññesi.

Galtaşan barmagy ýakyp-tendirip,
Orta düşdi ketgen ýaly kendirik.
Misli ýadygärlik – million pida,
Misli jogap – müñ bir sessiz sowala, –
Duzdur suwy garylyp juda,
Hamyr ýuguryldy – birje zuwala!

Çata açan tamdyryñ syrylyp kerebi,
Göge göterildi ýandagyñ ýalny.
Salýut deý ýarylyp uçgun kelebi,
Gyzaryp derledi enäniñ alny:
Ýaşasyn ot-ýalny bu tamdyrtowyñ
Hem-de hereketi gara kesewiñ!..

Tutuş oba (görüñ munuñ geñdigin!)
Tamdyryñ daşynda ýaý berip otyr.
Gelin bilin guşap, geýdi ýeñligin,
Ine-de tamdyrdan Gün deý ýalbyrap,
Çykdy tep-tegelek ýekeje petir!

Paýlandy şol bada petiriñ ýary

Ýetimlere – aşyk ýaljak gyňakdan,
Beýleki ýarysy gyzgynjak nany
Elden ele geçdi, sylynyp alna,
Ýöne…
Döwülmedi ötmänsoň hiç damakdan…

Dilleşen deý dymşyp, turdy hemmeler, –
Heý, şu pursat bir zat diýip bolarmy?!
Ýarty petir geldi ýene aýlanyp, –
Heý-de nesibesin fronta gideniň
Bokurdakdan ötrüp – iýip bolarmy?!

…Göýä nesillere baky bir perman, –
Otuz dört ýyl bäri dur şol arpa nan…
Polatdan, jöwherden gaýym ol indi,
Oňa ýazylypdyr atalaň pendi.
Ol geçen uruşda dünýä saçylan
Gülläniň-gurşunyň baryndan agyr.
Ýugurypdyr ony gözýaşy bilen
Bir gelin däl, ýüz däl, müň garabagyr!

Otuz dört ýyl bäri ýeke çaga-da
Gätmändir, «bozmandyr onuň gaýmagyn»…
Men şol nany alna syldym arada
Öýlerinde dostum Ýarly Baýramyň.*

1979 ý.

---

Ýarly Baýram * – hudožnik.